# Kämillik ýaşyna ýetmedik seks gyrnaklary

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kämillik ýaşyna ýetmedik seks gyrnaklary KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIK SEKS GYRNAKLARY

- **Fransiýada maşgala arasynda urlup-sögülýän gyzlar sutenýorlaryñ nyşanasynda**

Fransiýada resmi görkezijilere görä 6-10 müñ aralygynda kämillik ýaşyna ýetmedik jelepler bar we olaryñ aglaba bölegi 13-16 ýaşly ýaşajyk gyzlar. Aýal-gyzlara garşy etmişlere gözegçilik öýüniñ çap eden habarnamasyna görä bosgunlaryñ köp ýaşaýan şäher etek raýonlar gyzjagazlaryñ seks gyrnagy hökmünde ulanylýan ýerleriñ başyny çekýär.
Parižiñ etegindäki Sena-Sen-Deni raýonyny seljeren hünärmenler heniz kämillik ýaşyna ýetmedik ýaş gyzlary jelep bolmaga iteren sebäpleri öwrendi. Habarnamada her üç gyzdan biriniñ 13-15 ýaşlaryndadygy aýdylýar. Köplenç öweý ene-atanyñ elinde galýan bu çagalaryñ aglabasynyñ has kiçi ýaşlarda fiziki, psihologiki ýa-da jynsy zorluga uçraýandygy anyklandy. Öwrenilen gyzlaryñ aýratynam mekdep ýyllarynda okuw sapaklaryna ýetişigininiñ pesdigi we her üçüsinden biriniñ küntiçilige başlamazdan öñ ýygy-ýygydan öýden gaçýandygy bellendi.

- **Ýaş gyzlar sosial mediýa arkaly sutonýorlaryñ pidasy bolýar**

Gözegçilik öýüniñ beryän synyna görä, maşgala we terbiýe durmuşynda agsaýan gyzjagazlar köplenç internetiñ üsti bilen sutonýorlaryñ gözüne ilýär. Sutenýorlar pidalaryna köplenç Instagramdyr Snapchat arkaly duşýar. Bu barlaglar aýratynam ýaş gyzlaryñ 40%-niñ özlerini sosial setlerde masgaralaýjy ýa-da mertebäni pese düşüriji ýagdaýlarda islemezden

tapandyklaryny orta goýýar.
Fransiýada seks gyrnagy bolup işleýän azyndan 40 müñ sany kämillik ýaşyna ýeteniñ heniz kämillik ýaşyna ýetmänkä sutenýorlaryñ pidasy bolýandygy çaklanýar.

## • Fransiýanyñ jelepçilige garşy göreşi

1946-njy ýylda jelephanalary kanuny taýdan gadagan eden Fransiýada jelepler 1960-njy ýyla çenli saglygy goraýyş edaralaryny meşgullanýan käri boýunça habarly edip durmalydy. Pariž hökümeti 1960-njy ýylda BMG-nyñ konwensiýasyna gol çekip, munuñ soñuna nokat goýdy. Emma jelephanalar ýapyklygyna galdy. 2003-nji ýylda Nikolas Sarkoziniñ içeri işler ministri bolan döwründe jelepleriñ köçeleriñ ugrunda özlerini güjeñläp ýörmeklerine çäklendirmeler girizildi. 2011-nji ýylda jelepleriñ müşderi tapmaklaryna kömek edýän käbir internet saýtlary «sutenýor» statusynda kabul edildi we web dizaýnerlere temmi çäresi berildi.
2013-nji ýyla gelinende Fransiýanyñ Milli mejlisi jelepleriñ müşderisine 1500 euro jerime töledýän kanuny kabul etdi. Kanuna garşy başlanan «Jelebime degme» (“Touche pas à ma pute”) atly köpçülikleýin çykyşa Fransiýada intelligensiýanyñ käbir wekilleri-de goldaw berdi.

## • Jelepçilikden el çeken gaçgak bosgunlara wagtlaýyn ýaşamaga rugsat (propiska)

Sosialist Fransua Ollandyñ hökümeti jelepçilige garşy göreş maksatnamasyny dowam etdirip, jeleplere jelepçiligi taşlamaga höweslendirjek üýtgeşmeleri girizipdi. Bu maksatnamanyñ çäginde ýurda gaçgakçylykly ýollar bilen aralaşan we jelepçilik bilen meşgullanýan aýal-gyzlara jelepçilikden el çekip, «sutenýorlaryny» saklamaga kömek etmek şerti bilen wagtlaýyn ýaşamaga rugsatnama berilýär. Şeýle-de jelepçilikden ymykly daşlaşmak isleýän aýal-gyzlara işe ýerleşme krediti we wagtlaýyn ýaşaýyş hyzmatlary hem hödürlenýär.

## • Jelepler boýunça Fransiýanyñ Içeri Işler ministrliginiñ

statistik görkezijileri

Içeri işler ministrlihiniň maglumatlaryna görä Fransiýada 18-20 müň töweregi seks gyrnagynyň bardygy çaklanylýar. Şeýle-de ministrligiň resmi saýtyndan berilen habarnamada olaryň 80%-niň daşary ýurtlatdan gelen aýal-gyzlardandygy aýdylýar. Ýewropaly jelepleriň aglabasy Orta Ýewropa ýurtlary bilen birlikde Rumyniýadan we Bolgariýadan gelýär. Afrikaly gyzlaryň esasan Nigeriýadan, Kamerundan, Ganadan gelýändigi anyklansa, aziýalylaryň esasan hytaýlydygyna ünsi çekilýär. Jemi alanda olaryňam 15%-niň erkekdigi çaklanýar.
Şol habarnamada berilýän başga bir maglumat bolsa, goňşy Ýewropa ýurtlarynda bardygy çaklanylýan jelepleriň sany Gollandiýada 20 müňe, Angliýada 60 müňe, Germaniýada we Ispaniýada 400 müňe ýetýär. Öňki içeri işler ministri Bris Ortefýo mejlisde eden çykyşynda jelepleriň sanynyň azalmagyny «fransuz jemgyýetiniň gowulyga tarap özgermeginiň alamaty» diýip düşündiripdi. Emma Seks gyrnaklary sindikaty (Strass) bu sanyň 40 müňdenem ýokardadygyny öňe sürýär.
Şunuň bilen bir hatarda, ýokary okuw jaýlarynda okaýan talyplaryň 20%-niň garyplyk derejesindenem pes ýaşaýan Fransiýasynda 40 müňe golaý talybyň eklenç üçin «eskort gyz» bolup işleýändigi çaklanýar.

Fatih ÝETIM.

13.11.2019 ý. Publisistika